# MISINFORMASIÝANY NÄDIP SAÝGARMALY?

Misinformasiýa we ýalan habarlar dumuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi we olary saýgarmak barha kynlaşýar. Şonuň üçin, biziň ýaşaýan sanly dünýämizde faktlary barlamak örän zerur ukyplaryň birine öwrüldi.



ÇEŞME: Firstdraft; How to Read Media?

Faktlary barlamak misinformasiýanyň we dezinforma-siýanyň **tapawudyna düşünmekden başlanýar:**

**MIS–INFOR–MASIÝA**

bilmezden ýalan maglumatlary paýlaşmak

**DEZ–INFOR–MASIÝA**

bilgeşleýin ýalan maglumatlary paýlaşmak

Indiki üns berilmeli zatlar: **maglumatyň görnüşi, maksady we ýaýradylyşy.**

# MISINFORMASIÝANYŇ WE DEZINFORMASIÝANYŇ 7 GÖRNÜŞI:

**Satira ýa-da ýaňsy**
zyýan bermek üçin niýetlenen däl, emma aldap bilýär

**Ýalňyş baglanyşyk**
sözbaşylar, suratlar ýa-da titrler maglumaty goldamaýar

**Nädogry maglumat**
mesele ýa-da şahs barada nädogry maglumat

**Nätakyk maglumat**
çyn maglumat nätakyk detallar bilen berilýär

**Çyn eşikli maglumat**
ýalan maglumatlar hakyky çeşmelere bürelip berilýär

**Manipulirlenen maglumat**
hakyky maglumat ýa-da surat manipulýasiýa edilýär

**Galp maglumat**
aldamak ýa-da zyýan bermek üçin döredilen we 100% ýalan



ÇEŞME: Firstdraft

# BEÝLE MAGLUMATLAR NÄME ÜÇIN DÖREDILÝÄR?

**Misinformasiýany** saýgarmak üçin olary kimiň näme üçin döredýändigini bilmek möhümdir.
Munuň esasy **8 sebäbi**:

- Pes derejeli žurnalistika
- Ýaňsy
- Öjükdirmek ýa-da aldamak üçin
- Höwes
- Partizanlyk
- Maddy peýda
- Syýasy täsir ýa-da güýç
- Propaganda

Indiki matrisa **maglumatyň maksadyna** we **gelip çykyşyna** düşünmäge kömek eder.

# MISINFORMASIÝA MATRISASY

| DÜZÜMI → / SEBÄBI ↓ | Satira/ ýaňsy | Ýalňyş baglanyşyk | Nädogry maglumat | Nätakyk maglumat | Çyn eşikli maglumat | Manipulirle-nen maglumat | Galp maglumat |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Pes derejeli žurnalistika | | ● | ● | ● | | | |
| Ýaňsy | ● | | | | ● | | ● |
| Öjükdirmek ýa-da alda-mak üçin | | | | | ● | ● | ● |
| Höwes | | | | ● | | | |
| Partizanlyk | | | ● | ● | | | |
| Maddy peýda | | ● | | | ● | | ● |
| Syýasy täsir ýa-da güýç | | | ● | ● | | ● | ● |
| Propaganda | | | ● | ● | ● | ● | ● |

# MAGLUMAT NÄDIP ÝAÝRADYLÝAR?

Sanly zamanamyzda maglumat **tiz ýaýragan, köpdürli we kontrol etmesi kyn bolýar**, we:

- sosial mediýada ýönekeý adamlar tarapyndan pikirlenmezden paýlaşylýar;
- aýdyň we takyk bolmaga mejbur edilýän žurnalistler tarapyndan çişirilýär;
- köpçüligiň pikirine täsir etjek bolýan toparlar tarapyndan ýörite ýaýradylýar;
- botlar we trollar tarapyndan dezinformasiýa kampaniýalary üçin ýaýradylýar.

Maglumaty ýaýratmaga gatnaşýan her bir adam diňe ony üýtgetmäge ukyply bolman, eýsem ony hemmelere ýetirip bilýär. Ýagny, **çeşme** hem, **žurnalist** hem, **müşderi** hem ýalňyşlyk goýberip we maglumaty bulaşdyryp bilýär.



ÇEŞME: Firstdraft; How to Read Media?

# SEN NÄME EDIP BILERSIŇ?

## BILIMIŇI ARTDYR:

ýalňyş maglumatlary saýgarmagy we hokgalara şübheli garamagy öwrenmegiňi dowam et;

## GOWŞAK TARAPLARYŇY BIL:

biziň ählimiz eýýäm ynanýan zatlarymyza ynanagan bolýarys. Muňa “esassyz tassyklamak” diýilýär. Mundan gaça durmak üçin, okaýan zatlarymyzy soraglamak we dürli garaýyşlary gözlemek möhümdir;

## SÄGIN:

maglumaty okanyňdan soňra duýgularyň kararlaryňa höküm etmesine ýol berme;



ÇEŞME: IdeasTed.com;
News Literacy Project

**GYSGA GÖZLEG GEÇIR:**
maglumatyň dogrudygyny tassyklamak üçin ygtybarly çeşmeleri gözle;

**ÇEŞMESINI SORA:**
eger maglumat sosial mediýada paýlaşylan bolsa, çeşmesi ýa-da esaslanýan delilleri barada sora;

**ÖZÜŇDEN SORA:**
sen maglumatyň görnüşini we onuň näme üçin ýaýradylandygyny anyklap bilýäňmi?

**MISINFORMASIÝA BARADA DYMMA:**
misinformasiýa köpçüligiň öňünde garşy çykmak kyn düşüp biler, emma hakykatyň ýa-da ýumoryň üsti bilen hem misinformasiýany paş etmek örän netijelidir. Bu adamlary has hüşgär bolmaga iterýär.



ÇEŞME: IdeasTed.com;
News Literacy Project

Bu ekosistemada biziň ählimiziň rolumyz wajypdyr. Haçanda biz maglumatlary çeşmesini barlamazdan we takyklygyna göz ýetirmezden paýlaşanymyzda, biz bulaşyk ýa-da ýalňyş maglumatlaryň ýaýramagyna goşant goşýarys.

Şonuň üçin,
**her birimiz özbaşdaklykda internetde görýän we paýlaşýan zadymyzyň aslyny barlamaga jogapkärdiris.**

Mediýa sowatlylygy barada goşmaça maglumat üçin web salgymyz:

**SAGLYK.ORG**